# Dogrulygyñ buýsanjy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dogrulygyñ buýsanjy DOGRULYGYÑ BUÝSANJY




*Iñ meşhur redaksion garpyşyklaryñ biri Nabokow bilen «The New Yorker» žurnalynyñ ýaş redaktorynyñ arasynda bolup geçdi.*
*Wladimir Nabokow / Fotosurat: Konstantin Joff*

Günbatar metbugatynyñ arap metbugatynyñ habarsyz we belki-de hiç haçanam habary bolmajak iki esasy wezipesi bar.
Birinjisi, gazetiñ jogapkärçiligine çekilmegini ýola goýup biljek özüne hödürlenen wajyp meseleleriñ arkasynda durup bilýändigi. Neşirde esasy zat baş redaktoryñ sözi däl-de, redaktoryñ sözüdir.
Beýleki wezipesi-de, belli-başly temalaryñ ugrukdyran aklawjysynyñ tersine, «hakykatlary derñeme» wezipesidir.
Degişli temalaryñ hemmesi redaktora tabşyrylýar. Deñsiz-taýsyz meşhurlyga eýe käbir gazet-žurnallarda barlaglar käte kanagatlandyryjydyr.
Redaksion wakalaryñ iñ meşhury käbirleriniñ dünýäniñ şindize çenli tanaýan iñ möhüm we iñ gowy hepdelik žurnaly hasaplanýan «The New Yorker» žurnalynda bolup geçdi.
Altmyş ýyl bäri menem şolaryñ biridim, her hepde jadylaýjy

karikaturalardan we taýýarlamasy käte ýarym ýyla çenli dowam edip bilen epeý barlaglaryndan peýdalanýaryn.
Mesele däl. Eýesine 50 müň dollardan gowrak pul, ýagny, ýarym ýyllyk hak töleýär.
Wladimir Nabokow iňlis dilinde ýazýan iň meşhur rus ýazyjysydy. Ellinji ýyllarda meşhurlygy bütin dünýä ýaýran «Lolita» romanynyň awtorydyr.
Emma edebi gymmaty ylmy işlerinde gollanma bolan barlaglarynda we möhüm parçasy bolan rus edebiýatynyň analizindedi.




Gazanan şan-şöhraty ony düşnüksiz we hötjet etdi. Bu hemişe garamagyndaky işgärleri bilen jedellere we oňşuksyzlyklara getirdi. Emma redaktoryň işiniň hili oňşuksyzlyk bolan ýagdaýynda soňky sözüň redaktora degişli bolmalydygyny görkezýär. Tersine bolanda onuň edýän işiniň hiç hili manysy bolmaz.
Iň meşhur redaksion garpyşyklaryň biri Nabokow bilen «The New

Yorker» žurnalynyň ýaş redaktorynyň arasynda bolup geçdi. Bu garaşylan we adaty ýagdaý bolup biler, çünki ýazyjynyň beýikligi ony beýleki adamlar ýaly ýalňyşmakdan azat edip bilmez.

Çekişme öň tanyş däl mesele bilen baglanyşyklydy. Rus ýazyjysy žurnala Ženewadaky porty suratlandyrýan, giň, gök diwary yşarat edýän edebi eseri ýollady. Emma gözegçi diwaryň açyk ýaşylymtyk reňklidigini we gök däldigini aýtdy.

Nabokow muny düzetjek däldigini aýtdy. Ol Şweýsariýada ýaşaýandygyny we bu ýerleri hemmelerden gowy tanaýandygyny aýdyp, gök reňkde durmalydygyny öňe sürdi.

Redaktor öz diýenine tutdy we pikirini delillendirmek üçin öz gözi bilen görüp gaýdandygyny aýtdy.

Ýazuw işleri boýunça müdir ýaşuly alym bilen ýaş redaktoryň jedelini çözmäge synanyşdy. Peýdasy bolmady.

Nabokow meseläni aurasyna we at-abraýyna edilen şahsy hüjüm hasaplady. Hötjet ýaş ýigidem meşhur ýazyjynyň pozisiýasyny dogrulygyň liniýasyndan gyşarma hasaplap, işiniň buýsanjyny öňe tutdy.

Ahyrynda mesele Nabokowyň makalasyny gaýdyp almagy bilen çözüldi we ýaş ýigit utuk gazandy.

Semir ATAULLAH,

Liwanly žurnalist.

Ýekşenbe, 28.01.2024 ý. Publisistika